**Dante Aligýeri**

Beýik italýan şahyry Dante Aligýeri Gaýtadan döreýiş döwrüniň ilkinji söz ussatlarynyň biridir. Onuň «Ajaýyp komediýasy» Günbataryň orta asyrlar edebiýaty bilen Gaýtadan döreýiş döwründäki edebiýatynyň arasynda özboluşly köprüdir.

Dante 1265-nji ýylyň maýynda Florensiýa şäherinde, orta gurply maşgalada dünýä inýär. Dante 18 ýaşyna ýetmänkä ene-atasy ýogalýar, şonuň üçin iki uýasyny hem inisini onuň özi ekläp, terbiýelemeli bolýar.

Geljekki şahyr orta mekdepde bilim alýar. Florensiýada ýokary okuw mekdebi bolmansoň, okuwyny özbaşdak dowam etdirýär. Ol latyn, fransuz dilini suwara öwrenipdir. Çeper edebiýaty hem ensiklopedik kitaplary köp okap, hemmetaraplaýyn ylymly adam bolup ýetişipdir.

1274-nji ýylda, dokuz ýaşyndaka Dante özi bilen ýaşytdaş gyzjagaz Beatriçe Portinarä duşýar. Bu duşuşyk onuň çaga aňynda uly täsir goýupdyr. Şahyr Beatriçäni soň hem birnäçe gezek görýär. Emma şol duşuşykdan dokuz ýyl geçeninden soň, 18 ýaşyndaka Dante oňa ýene-de gabat gelýär. Şonda Beatriçe eýýäm durmuşa çykan ekeni. Şahyr ol zenana müdimi aşyk bolýar. Şondan soň Beatriçe şahyryň «hyýallarynyň soltany» bolup galýar. Dante hatda öýleneninden soňam bu zenany ýadyndan çykaryp bilmändir.

Dante agyr hem-de çylşyrymly döwürde ýaşaýar. Şol döwürler Florensiýada iki toparyň — gwelfleriň hem gibellinleriň arasynda göreş gidýärdi. Bu iki toparyň basdaşlygy häli-şindi uly söweşlere ýazýardy. Gwelfler Rim Papasynyň, gibellinler bolsa German imperatorynyň tarapdarydy. Her toparyň öz içinde-de agzalalyk bardy. Aligýeriniň maşgalasy gwelflere degişli eken.

XII asyrda gwelfler Papanyň tarapdarlary Aklar bilen onuň garşydaşlary Garalar bolan iki topara bölünýär: Dante Ak gwelflere goşulypdyr, onuň adagly gelinligi Jemma Donati bolsa Gara gwelflerden bolupdyr. Ýaş şahyr öz ýurdunyň syýasy durmuşyna işjeň gatnaşyp, birnäçe söweşlerde uly edermenlik görkezipdir.

Emma gazaply uruşlar Danteniň duýguly dünýäsine kär edip bilmändir. Ol özüniň söýgüsini şygyrlara siňdiripdir. Ilkibadalar Dante dosty Gwido Kawalkantiniň täsiri bilen öz döwrüniň ýörgünli «Dolçe stil nuowo» atly edebi akymyna goşulýar. Onuň irki eserleri, şol sanda «Täze durmuş» (La Vita Nuova) atly eseri şol akymyň täsirinde döredilendir. Emma Danteniň beýik zehini hiç bir akyma sygmaýar. Dünýä edebiýatynyň taryhynda ilkinji psihologik powest bolup, biziň döwrümizde-de uly gyzyklanma bilen okalýan «Täze durmuş» eseri munuň aýdyň subutnamasydyr.

1292-nji ýylda döredilen bu terjimehal powest başdan-aýak Beatriçä bagyşlanypdyr.

Beatriçe örän ir, 24 ýaşynda aradan çykýar. Şahyr onuň ölüminden soň, agyr hasrat çekýär. Erbet keselleýär, birnäçe wagtlap hassa bolup ýatýar. Pelsepewi kitaplar we gadymy Rim şahyrlarynyň hem-de taryhçylarynyň eserleri Danteniň ýaraly ýüregine melhem bolýar. Onuň çeken hasratlary «Täze durmuş» eseriniň esasy mazmunyny düzýär. Bu powest şygyr we kyssa bilen ýazylypdyr. Powestiň ahyrynda Dante özüniň diňe indiki döretjek eserinde söwer ýarynyň kämil derejede waspyny ýetirjekdigini aýdýar. Birnäçe ýyldan soň şahyr özüniň «Ajaýyp komediýasy» («Divine commedia») bilen sözünde tapylýar.

1298-nji ýylda Dante Jemma Donatä öýlenýär. Olaryň üç ogly we bir gyzy dünýä inýär.
XIII asyryň ahyrynda Dante jemgyýetçilik işlerine has hem ýygjam gatnaşmaly bolýar. Ol Florensiýanyň mejlisiniň agzalygyna saýlanýar, birnäçe gezek ilçi hökmünde başga şäherlere, Rim Papasynyň ýanyna iberilýär, iki sapar Florensiýada ýedi priorlaryň (häkimleriň) biri bolup bellenilýär.
1301-nji ýylda fransuz korolynyň dogany şazada Karl Walua Florensiýany basyp alýar. Häkimlik Gara gwelfleriň eline geçýär. Şol wagt Dante başga şäherde ekeni. Täze häkimlik ony parahorlukda hem-de dönüklikde aýyplap şäherden kowmagy höküm edýär. Şahyryň öýi talanýar. Aýalyna, garyndaşlary Garalara degişli bolansoň, emläginiň bir bölegini gorap saklamak başardýar. Şeýdip, Danteniň aýaly Florensiýany terk etmän, çagalary bilen şäherde galýar. 1302-nji ýylda kazyýet «Dante Aligýeri Florensiýa gaýdyp gelen ýagdaýynda, tä ölýänçä otda ýakmaly» diýen höküm çykarýar. Dante üçin sergezdanlyk ýyllary başlanýar. Ol bütin Italiýany syýahat edýär. Fransiýa baryp, Pariž uniwersitetinde bolýan ylmy çekişmelere gatnaşýar, özüniň okumyşlygy hem suhangöýligi bilen alymlaryň arasynda şöhrat gazanýar.
1304-nji ýylda Dante «Meýlis» («Convivio») atly meşhur traktatyny ýazmaga başlaýar, emma ony doly tamamlamaýar. 1309-njy ýylda Rimiň imperatory Genrih VII «parahatçylyk getirmek» maksady bilen Italiýa aýak basýar. Dantede öz Watanyna dolanmaga umyt döreýär. Ol imperatory goldap, «Monarhiýa» («Monarchia») atly traktatyny döredýär. Emma 1313-nji ýylda Genrih VII tarpa-taýyn aradan çykýar.
Florensiýada günä geçişlik hakynda kanun kabul edilýär. Bu kanuna laýyklykda, Dante Aligýerä gara geýnip, bütin halkyň öňünde eli şemli ötünç sorasa, Florensiýa dolanmaga rugsat ediljekdi. Dante, elbetde, razylaşmaýar. 1315-nji ýylda ony ýene-de ogullary bilen ölüm jezasyna höküm edýärler.
Gandöküşikli söweşler we peýdasyz jedeller bilen gazanan zadynyň bolmajakdygyna düşünen ýazyjy özüniň duşmanlaryndanam, tarapdarlaryndanam, syýasatdanam ýüz öwrüp, 1306-njy ýylda Monte Katria diýen ýerde ýekelikde, tebigatyň daglyk hem tokaýlyk ýerinde «Komediýasyny» döredip başlaýar.
Ömrüniň ahyrynda Dante Rawenna şäherinde, özüniň çagalarynyň we ýakyn dostlarynyň arasynda (aýaly Jemma Florensiýada galýar) mekan tutýar. Şol ýerde-de aradan çykýar. Onuň mazary häzir hem Rawennada ýerleşýär. XV asyrda binagär Lombardo onuň üstünde kaşaň aramgäh galdyrypdyr.
Dante öz poemasyny «Komediýa» diýip atlandyranda, antik edebiýatynyň däbine eýeripdir. Köne däbe görä, ýönekeý, halky dilde ýazylan, soňy gowulyk bilen tamamlanýan eserlere «Komediýa» diýilýärdi. «Ajaýyp» epitetini eseriň adyna italýan Gaýtadan döreýiş döwrüniň ýene bir beýik wekili Jowanni Bokkaçço goşupdy. Emma kitaplaryň jildinde bu at ilkinji gezek 1555-nji ýylda Wenesiýada çykarylan neşirde peýda bolýar. Mundan soň eseriň çeperçilik derejesini görkezýän bu sypat poemanyň adynyň aýrylmaz bölegi bolup galýar. Poemanyň mazmuny gysgaça gürrüň bererden uludyr. Şonuň üçin okyja bu eseri başdan-aýak okamagy maslahat beräýmek galýar.
«Ajaýyp komediýasyny» Dante örän inçe hasaplar bilen döredipdir. Bu eserde, esasanam, 9-lyk san uly ähmiýete eýedir. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, Dante Beatriçä ilkinji gezek 9 ýaşyndaka duşupdyr, bu ilkinji duşuşykdan 9 ýyl geçenden

soň, ýagny Dante 18 ýaşyndaka ol zenana aşyk bolýar. Şahyr bu sanlary özüne Taňrydan iberilen nyşan hasaplaýar. Hristian ynanjynda 3 belgisi mukaddes hasaplanylýar, ýagny üç birlik — Ata, Ogul we Keramatly Ruh. 3 diňe öz-özüne köpeldilende, 9-a deň bolýar. Diýmek, Beatriçe Dante üçin Taňrynyň ynsana bagyş eden iň ajaýyp peşgeşini — Söýgini aňladýar.
Şonuň üçin eseriň mazmunynda, gurluşynda 9 hem 3 sanlary juda köp gabat gelýär. Poema 3 bölüme bölünýär: Dowzah, Araf (dini ynanja görä, dowzah bilen jennetiň aralygy), Jennet. Eserdäki Dantä tokaýda duş gelýän üç sany haýwan, Beatriçäniň geýimindäki üç reňk, Lusiferiň (Şeýtanyň) üç kellesi, olaryň agzyndaky üç sany dönük (Iuda, Brut we Kassiý) — bularyň hemmesi çuňňur simwolik manyny göterýär. Ýene bir wajyp zady belläp geçmek gerek: poemanyň haýsydyr bir ýerinde 9-lyk sany duş geläýse, şol ýerde bukulgy, syrly manyny agtarybermelidir. Bu eseriň her bir bendinde gizlin many bardyr. Oňa doly düşünmek üçin taryhdan, filosofiýadan, edebiýatdan, ylahy ylymdan, mifologiýadan, astronomiýadan we matematikadan habarly bolmak gerek.
Eserde taryhda uly yz galdyran şahslaryň köpüsine duş gelip bolýar, onda Aleksandr Makedonly, Ahilles, Agamemnon, Odisseý, Foma Akwinli, Boesiý, Awgustin, hatda Muhammet pygamber hem hezreti Aly bar. Gomer, Wergiliý, Gorasiý, Owidiý ýaly şahyrlary, Aristotel, Sokrat, Platon, Demokrit, Diogen, Seneka, Gippokrat, Ibn Sina ýaly akyldarlary hristian bolmanlygy üçin Dante dowzahyň daşynda — Limbda ýerleşdiripdir. Beýtmek bilen beýik gumanist Dante özüniň sungata hem ylma bolan söýgüsini görkezýär.
Eseri şeýle kämil derejä ýetirmek üçin Danteniň örän kän zähmet çekmeli bolandygy düşnüklidir. Ol poemanyň üstünde ömrüniň ahyryna çenli işläpdir. Dantä bu eseriniň diňe birinji we ikinji bölümleriniň neşirlerini görmek miýesser edipdir. Onuň eserlerine birentek teswirler hem ýazylypdyr. Onuň ilkinji teswirçileri öz ogullary Pietro hem Ýakopo dagydyr. «Dekameronyň» ýazary Jowanni Bokkaçço ilkinjileriň biri bolup Danteniň ömür beýanyny ýazýar. Onuň «Danteniň ömri» kitaby şu gün hem beýik şahyryň terjimehalyny öwrenmekde iň ygtybarly çeşmeleriň biri hasaplanýar.
Dante Aligýeriniň «Ajaýyp komediýasy» italýan edebiýatynyň adamzada ýapan iň uly serpaýyydyr. Şonuň üçin Gomer, Gýote, Milton, Puşkin, Magtymguly ýaly ägirtleriň adynyň tutulan ýerinde Danteniň ady hem ýatdan çykarylmaýar.

**Awtor: Maksat BÄŞIMOW.**